# BMG-niň Türkmenistandaky Hemişelik wekiliniň Daşoguz welaýaty boýunça sapary

Daşoguz, Türkmenistan, 2024-nji ýylyň 11-nji noýabry – Narine Saakýan, BMG-niň Türkmenistandaky Hemişelik wekili, 2024-nji ýylyň 10-11-nji noýabry aralygynda Daşoguz welaýatyna iki günlük iş saparyny tamamlady.

Saparyň çäklerinde, jenap Saakýan Daşoguz welaýatynyň häkimi Dowletgeldi Babaýew we ýerli administrasiýanyň beýleki wekilleri bilen duşuşyp, bilelikdäki işleriň netijelerini we Aral deňziniň türkmen böleginde durnukly ösüş we ekologiýa durnuklylygyny üpjün etmek boýunça geljekki başlangyçlary ara alyp maslahatlaşdy.

**“Biz welaýat administrasiýasynyň maksatnamalarymyza ýetmekde berýän güýçli goldawyny ýokary baha berýäris, esasanam ekologiýa durnuklylygyny berkitmekde, suw serişdelerini dolandyrmak strategiýalaryny kämilleşdirmekde we durnukly oba hojalyk tejribelerini öňe sürmekde”, – diýip, jenap Saakýan duşuşykdan soň belledi. “Bu sapar BMG-niň Daşoguz welaýaty bilen dowam edýän hyzmatdaşlygyny berkitýär we howanyň üýtgemegi bilen ýitileşýän Aral deňziniň ekologiýa krizisine garşy durnukly jemgyýetleri döretmek boýunça umumy ygrarlylygymyzy görkezýär.”**

Sapara, şeýle hem, BMG-niň Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrligi bilen hyzmatdaşlykda durmuşa geçirýän we Global ekologiýa gaznasy (GEF) tarapyndan maliýeleşdirilýän “Aral deňziniň basseýninde ýokary tebigy gymmatly ýer serişdelerini we ekosistemalary gorap saklamak we durnukly dolandyrmak” taslamasynyň çäklerinde gurnalan çäreler gatnaşdy.

BMG-niň wekiliýeti, şeýle hem, Daşoguz welaýat kitaphanasynda geçirilen “Medeniýet ekologiýasy” atly ekologiýa festiwalyna gatnaşdy. Fesitwal ekologiýa habardarlygyna we ýaşlaryň durnukly ösüş başlangyçlaryny öňe sürmäge bagyşlandy. Fesitwalda ekologiýa taýdan arassa önümleriň sergisi, innowasion pikirleriň we milli egin-eşikleriň, şeýle hem talyplaryň gözleg taslamalarynyň görkezilişi boldy. Çäräni Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi, Daşoguz şäheriniň administrasiýasy we BMG-niň Türkmenistandaky wekilhanasy, Daşoguzdaky Amerikan burçy, ÝUNESKO, RECCA we ýerli “Ekodurmush” we “Ýaşyl Şöhle” jemgyýetçilik guramalary bilen hyzmatdaşlykda gurnady.

**“Fesitwalda ýaşlaryň we ýerli ussatlaryň döredijiligini we ygrarlylygyny synlamak örän ylham beriji boldy”, – diýip, Narine Saakýan belledi. “Hünärleriň, ekologiýa taýdan arassa önümleriň we milli egin-eşikleriň aç-açan sergisi, şeýle hem gatnaşyjylaryň durnukly ösüş meselelerine bolan höwesi, Türkmenistanyň ekologiýa we medeni mirasyny gorap saklamaga bolan çuňňur ygrarlylygyny görkezýär. Bu çäre, innowasiýalary we durnukly tejribeleri goldap, ýerli jemgyýetleriň we ýaşlaryň başlangyçlaryny ösdürmäge ýardam berip, Türkmenistanda döredijilik**

Все права защищены

**ykdysadyýetini öňe sürmek boýunça BMG-niň tagallalaryna laýyk gelýär.”**

Saparynyň ikinji gününde, jenap Saakýan Aral deňziniň türkmen böleginde suw serişdelerini dolandyrmak boýunça ýokarda agzalan taslamanyň çäklerinde gurnalan seminara gatnaşdy. Seminar, suw ýetmezçiliginiň möhüm meselesini we onuň durnukly oba hojalygyna täsirini ara alyp maslahatlaşmak maksadyny göz öňünde tutdy. Gatnaşyjylar suwdan netijeli peýdalanmak we ony gorap saklamak boýunça iň gowy tejribeler barada gymmatly bilimler aldylar.

Şol gün, BMG-niň wekiliýeti, şeýle hem, Türkmenistanyň Döwlet tebigy goraghanasy Gaplangyry ziyaret etdi. BMG-niň Türkmenistandaky ofisiniň ýolbaşçysy, bag ekmek kampaniýasyna gatnaşyp, ýaşyl zolak döretmek boýunça tagallalara ygrarlylygyny görkezdi we sebitiň baý bio-dürlüligini gorap saklamagyň ähmiýetini nygtady.

Saparyň soňky güni, wekiliýet, BMG-niň bilelikdäki synag taslamalarynyň netijeleri bilen tanyşdy. Bu taslamalar, ýer serişdelerini durnukly dolandyrmak, oba hojalygyny ösdürmek we daşky gurşawy goramak boýunça öňe sürüldi.

Все права защищены



Все права защищены



Все права защищены



Все права защищены



Все права защищены